Dünýä edebiýatyna girmek üçin, onuň bir sahypasynda galmak, bir jümlesinde ýer almak hem- de dünýä derejesinde öz eliňdäki senediň wekili hökmünde tanalmak elbetde ol her kese ýetirenok. Çünki onuň üçin zehin bilen birlikde sabyr hem- de ýörelge, işeňňirlik hem-de çykadmlylyk, dünýäniň köp zatlaryndan geçip, diňe içki dünýäňe gaplanyp sungat döretmek- ine, şertleri şeýledir.

Dünýä edebiýatynyň wekili Alyşir Nowaýynyň döredijiliginde şeýle hormatyň barlygy bolsa, bu günki gün edebiýetda öz beýanyny tapýar. Döredijiligi bilen bu günki gün diňe bir Orta Aziýada däl- de eýsem, dünýä edebiýatynda ýer alan şahsyýet hökmünde tanalýar. Nowaýy diňe bir edebiýat bilen gyzyklanman, eýsem ol lukmançylyk ylmy, astronomiýa, döredijilik bilen hem , ot- çöpler bilen hem gyzyklanan şahyrdyr. Onuň döredijiliginde iň uly ýer alan eser bolsa “Şirin- Prehat” dessan- poemasydyr.

Alyşiriň çagalygy dürli köşk agdarylyşyklarynyň bolup geçýän, tagt, häkimiýet üçin göreş alnyp barylýan döwre gabat gelýär. 1447-nji ýylda Horasanyň patyşasy Teýmirleňiň ogly Şahruh ölensoň, tagt üstünde uruşlar, dawa başlanýar. Alyşiriň kakasy Kyýasetdin hem maşgalasyny alyp, Eýranyň Yrak diýen welaýatynyň Taft diýen şäherine göçýär.1452-nji ýylda Abulkasym Babur Hyrady alyp, şa bolandan soň Nowaýynyň kakasy Kyýasetdin öz maşgalasy bilen Hyrada gaýdyp gelýär. Alyşir Hyratda okuwyny dowam etdirýär. Şahyryň heýkeli häzikri döwürde Paýtagtymyz Aşgabadyň “Ylham” seýilgähinde oturdylyp, ol iň bir gelim- gidimli ýerleriň biridir. Munuň özi şahyryň dünýä edebiýatynda adynyň ebedileşmeginde ýene bir mysalydyr.

Dünýä edebiýatynda her şahyryň tutýan orny barada gürrüň edilende, onda Firdöwsi umumadamzat taryhyny eýran halkynyň taryhy bilen utgaşdyryp beýan eden beýik şahyr, Nyzamy bolsa, Gündogaryň dünýewi edebiýatynyň şamçyrag göterijisi, ýol görkezijisi hökmünde göz öňünde janlanýar. Şu jähtden seredeniňde, Nowaýynyň eserleri, onuň döredijiligi türki halklar üçin beýik nusga bolup durýar.

Sebäbi ol türki dilinde ajaýyp, gumanistik ruhly eserleri döredip, türki diliniň edebi dil hökmünde doly hukugynyň bardygyny diňe bir amaly taýdan subut etmek bilen çäk lenmän, ömrüniň ahyrynda özüni tolgundyrýan bu meselä ýene-de gaýdyp gelip, eseri arkaly türki diliniň hiç bir dilden pes oturmaýandygyny ylmy taýdan esaslandyran ilkinji alymdyr. Türkmen edebiýatynyň özakymly beýik pelsepeli ugry dünýe döräli bäri gündogar edebiýatynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Şol sebäpden hem edebiýatyň hem-de döredijiligiň dünýäniň halklarynyň dostana birligini gazanmak üçin edilen işlerde netijeliligini artdyrýar. Bu bolsa, türkmen halkynyň edebiýata we sungata goýýan bahasynyň gymmatynyň derejesini ýüze çykarýar.

Все права защищены Current Date

**Erkin BERDIÝEW**
**Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby**

Все права защищены Current Date